**Türkmenbaşy şäheriniň çäginde ýerleşýän kärhanalaryň, guramalaryň, edaralaryň hem-de hususy telekeçileriň, şeýle hem şäheriň ýaşaýjylarynyň dykgatyna!**

Balkan welaýatynyň Zähmet we ilatyň iş bilen üpjünçiligi müdirligi hem-de Türkmenbaşy şäheriniň Zähmet we ilatyň iş bilen üpjünçiligi bölümi 2022-nji ýylyň 18-nji oktýabrynda Türkmenbaşy şäheriniň Türkmenbaşy meýdançasynda ýerleşýän, Türkmenbaşydaky nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumynyň Medeni sport toplumynda, sagat 10°°-dan 12°°-a çenli boş iş orunlarynyň hödürleniş çäresini geçirýändigini habar berýär!

Kärhanalaryň, guramalaryň, edaralaryň hem-de hususy telekeçileriň, özlerindäki boş iş orunlary baradaky maglumatlary bilen bilelikde agzalan çärä wekilleriniň gatnaşmaklaryny üpjün etmeklerini;

Işe ýerleşmek isleýän raýatlaryň bolsa şahsyýetini tassyklaýan resminamasy, eger bar bolsa, zähmet depderçesi hem-de hünärini tassyklaýan resminamasy bilen agzalan çärä gatnaşmaklaryny haýyş edýäris.

Çäräniň geçiriljek ýeriniň salgysy:

Türkmenbaşy şäheriniň Türkmenbaşy meýdançasynda ýerleşýän, Türkmenbaşydaky nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumynyň Medeni sport toplumy

**Habarlaşmak üçin telefon belgiler:**

+99324360695;
+99324350094.